# Tagam / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tagam / hekaýa TAGAM



Göwnüme bolmasa, şol öňki bag birneme gojalan ýaly. Gumgukluk. Kakabaş oglanlygymyň geçen ýeriniň beýle ümsümligine ram etmändirin. Ol meniň aňyma mydama galagoply, şowhungykylykly bolup siňipdir. Jübimizi, köýneklerimiziň içini erikden dolduryp düwdenekläp gaçyşymyz, Aýjemal ejäniň uzyn syrykly yzymyzdan kowuşy şuş-şu pille bolup geçen waka ýaly göz atuwymda dur.
Han aga bizi diýseň gowy görerdi. Eteklerimizi erikden

dolduryp goýbererdi. Ol ýogaldy weli, biz bu lezzetden kesildik. Baga Aýjemal ejeler eýelik edip ugrady. Ýöne bag biziň üçin diňe bir adamyňkydy – Han aganyňkydy.
Aýjemal eje haçan görseň bagyň içinde aýlanyp ýör. Erikler ýerde çüýreşip ýatsa-da hödür edenok. Hödür edäýende-de, oglanlaryň hiç birisi onuň gapdalyndan ýöräp baga girmäge ýürek edip bilmezdi. Onuň hyrsyz keşbi biziň hemmämizi ýöwsellederdi. Belki, onuň şu hyrsyzlygy biziň kejirligimizi artdyrandyr? Mümkin. Ýöne bir zat hakdy: olam Han aganyň berýän erigi biçak datlydy. Iýdigiňçe iýesiň gelerdi. Biziň hemmämizem şol süýji erige teşnedik. Aýjemal ejäniň öýüne gitdigi bes, güsürdeşip baga girerdik. Her kim elýeter şahadan asylyşyp ýokaryk çykardy. Şeýlebir çaltlyk bilen erik ýygardyk. Indi-indi şol çalasynlygymyza geň galýan. Näçe çalasynam bolsak, käte gijä galardyk. Bir görseň, aşakda Aýjemal eje syrygyny bulaýlap, düşeriňe garaşyp durandyr. Birden hemmämiz doňan ýaly bolardyk.
Aýjemal eje käýäp ugrar. Esli wagtdan soň oglanlaryň haýsydyr birisi özelenip ýalbarmaga başlar. Indi gaýdyp erik ogurlamajakdygy barada ant içip, awy ýalar. Soň beýleki oglanlaram onuň ýalbarmasyna goşularlar. Syrykdan «datmazlyk» üçin mysapyrsyrardyk. Aýjemal ejäniň eli syrykly, hyrsyz keşbini görüp aramyzda aglaýanlar hem tapylardy. Her sapar ýokarda ele düşenimizde şu sahnany oýnardyk.
– Düşüň!
Perman bolan dessine aşak sypyrylardyk. Ýere düşerimize mähetdel Aýjemal eje üstümize topulardy.
Gaçyp barýansyň weli, esasy ünsüň erikdedir. Yzly-yzyna symyşlarsyň. Baý, o mahal erigiň tagamyny!.. Bar lezzetem şol tagamda ýaly. Aýjemal eje yzymyzdan kowalar. Ýöne uraýmaz. Ol döwülen şahalara, ýere gaçan eriklere seredip, aglaýjak-aglaýjak bolar.
– Käşgä, öýlerinde erik ýok bolsa! Wah, olar sorasalaram berjek ahyryn men. Bizde nä bulary iýýän barmy näme?..
Indi baga gelýänem, erik ogurlaýanam ýok bolarly. Daragtlaryň aşagy tertipli, arassa. Men köplenç münýän erik agajymyň ýanyna bardym. Ol bu ýylam hasyl baryny getiripdir. Aýjemal ejelere tarap seretdim. Köne endik bolsun gerek. Ha-na gelýär. Biriniň baga girenini gören bolarly. Ýöne ol bu sapar eli syrykly däl-de, hasaly. Aýjemal eje ýuwaşja ýöräp ýanyma geldi. Salamlaşdyk. Hal-ahwal soraşdyk.

– Gudumandyňyz-la! – diýip, ol ýuwaşja ýylgyrdy. – Iýeniňiz owarram diýsem, şahalary döwýärdiňiz.
– Han aga pakyr: «Bu bag siziňkidir!» diýerdi. Şonuň üçinem biziň bagy elden gideresimiz gelmändi…
Aýjemal eje bilen hoşlaşyp gaýtdym. Alyp gaýdan eriklerimiň birini agzyma saldym. Ýok, bu gaçyp barýarkaň iýýän şol datly tagamyň däl. Göwnüme bolmasa, erigiň şol tagamy hem oglanlygymda galan ýaly. Ýalpa yzyma seretdim…
1983 ý.

Osman ÖDE Hekaýalar